


**HORMATLY ÝETGINJEK ÝAŞLAR!**

Siz biri-biriňizi halaýarsyňyz we bütin älemde söýýän adamyňyz siz üçin ýeke-täk eziz bolup görünýär. Wagtyň geçmegi bilen, duýgularyňyzyň berkligini saklamak üçin jynsy gatnaşyklary başlamagy ýüregiňe düwmegiň hem mümkin.

**Bu gatnaşyklaryň seniň durmuşyňy üýtgedip,**
**senden ULY jogapkärçiligi talap etjekdigini ýatda saklamalydyr.**

Jynsy gatnaşygy başlamagyň sebäpleri höküminde ýetginjek ýaşlar köplenç aşakdaky delilleri getirýärler:

- ✌ Döwrebap görünme islegi;
- ✌ Bu ugurda tejribe almak islegi;
- ✌ Söýýän adamyňy ýitirmezlik üçin;
- ✌ Ýakymly duýgulary başdan geçirmek üçin.

**Jynsy gatnaşyklaryň başlanmagynyň hemişe söýgini**
**alamatlandyrmaýanyny ýatda saklamalydyr.**

Sen öz söýgiňi

- ☑ Bile bir iş bilen meşgullanyp;
- ☑ Gerek wagtlary kömek edip;
- ☑ Oňa syrdaş bolup;
- ☑ Sowgatlar taýynlap;
- ☑ Mähirli gatnaşygyňyz bilen;
- ☑ Süýji tagamlary taýynlap;
- ☑ Bile teatra, muzeýe gidip hem mälim edip bilersiň.

**HIÇ HAÇAN GYSSANMA!**

① Kanunçylyga laýyklykda, jynsy gatnaşyklary başlama 18 ýaşdan rugsat edilýändir.

② Saňa berlen şol birinji gezegi geçirmek üçin, saýlan adamyňyzyň mynasypdygyny bilme we onuň siziň şeýle hereketiňizi bahalandyryp biljekdigine göz ýetirme wajypdyr.

③ Jynsy gatnaşyklary alkogol ýa-da neşe serişdeleriň täsiri astynda boýun etmäniň ýa-da şert goýmanyň täsiri bilen başlama ýalňyşlykdyr we bikanundyr.

**BU GATNAŞYKLARA MAHSUS KYNÇYLYKLARDAN HABARDAR BOL!**

Her bir jyns gatnaşygy islenilmedik göwrelilige, jyns ýöllary arkaly geçýän kesellere getirip bilýär. Bu keseller bilen keselländigini adamyň daşky keşbinden bilip bolmaýar.

Prezerwatiw – ýokançlyklardan goraýan ýeke-täk serişde bolup durýandyr. Seksual gatnaşyklarda ony ulanma endiginiň seniň saglygyňy gorap biljekdigini ýatda sakla!

**ÝAGDAÝA DOGRY BAHA BERMEGI BAŞAR!**

Seniň çözgüdiň nähilli bolaýanda hem, ol seniň durmuşyňy üýtgeder. Eger seniň üçin, bu gatnaşyklaryň söýýän ýeke-täk adamyň bilen nikada başlanmagy onçakly wajyp bolmasa, wagtyň geçmegi bilen puşman etmejekdigiňe ynamly bol.

Jyns gatnaşyklaryna, ýetginjeklik döwrüniň meselelerine degişli ygtybarly, ylmy, lukmançylygyň esasynda taýarlanan maglumatlary gözleýärsiňmi?



Saglyk.info saýtynda Seni gyzyklandyrýan köp soraglaryň jogabyny tapyp bilersiň.

**SAGLYGY SOSIAL ULGAMLARYNDA YZARLA!**